# "RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylynyň
**Maliýe hasabatlylygy**
**we garaşsyz Auditoryň Hasabaty**

(Iňlis dilinden terjime)

# “RYSGAL” PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylynyň
**Maliýe hasabatlylygy**
**we garaşsyz Auditoryň Hasabaty**

(Iňlis dilinden terjime)

"RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

MAZMUNY


| | Sahypa |
|---|---|
| ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY: | 2 |
| GARAŞSYZ AUDITORYŇ HASABATY | 3-5 |
| 2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGY: | |
| Peýda ýa-da ýitgiler şeýle hem beýleki jemlenilen girdejiler barada hasabat | 6 |
| Maliýe ýagdaýy barada hasabat | 7 |
| Maýa görkezijileriň üýtgemegi bilen bagly hasabat | 8 |
| Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat | 9 |
| Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler | 10-71 |

**"RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2021-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY

Garaşsyz auditoryň borçlarynyň beýany bilen bilelikde seredilmeli aşakda getirilen tassyklama "Rysgal" Paýdarlar täjirçilik bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygyna degişlilikde garaşsyz auditoryň we Bankyň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düzülýär.

Bankyň ýolbaşçylary Maliýe hasabatlylygynyň halkara ölçeglerine (mundan beýläk "MHHÜ" diýip atlandyrylýar) laýyklykda 2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin Bankyň maliýe hasabatlylygyny ähli möhüm jähtlerde aýdyňlaşdyrýan Bankyň maliýe ýagdaýyny, işiniň netijelerini, pul serişdeleriniň hereketini we Bankyň maýasyndaky üýtgemelerini görkezýän maglumatlarynyň dogrylylygy barada jogap berýär.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda Bankyň ýolbaşçylary şu aşakdakylara jogapkärçilik çekýär:

- buhgalter hasabynyň degişli ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagyna we olaryň yzygider ulanylmagyna;
- esaslandyrylan bahalaryň we hasaplaşyklaryň ulanylmagyna;
- MHHÜ talaplarynyň berjaý edilmegine;
- Maliýe hasabatlylygy taýýarlanylanda, bikanun bolup durýan ýagdaýlaryndan başga, ýakyn gelejekde Bank öz iş hereketini dowam etdirer diýip çaklamasyna görä.

Ýolbaşçylar şu aşakdakylara hem jogapkärçilik çekýär:

- Bankda içerki gözegçilik ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak hem-de bu ulgamyň işleýşini netijeli we ygtybarly üpjün etmek;
- islendik pursatda Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumatlary ýeterlik takyklyk derejesinde taýýarlamaga we maliýe hasabatlylygyny MHHÜ talaplaryna laýyklygyna ýöretmäge mümkinçilik berýän buhgalterçilik hasaba almak ulgamynyň alnyp barylmagynyň goldawyna;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna we buhgalterçilik hasaba almak standartlaryna laýyklykda Bankyň buhgalterçilik hasaba almak işleriniň alnyp barylmagyna;
- Bankyň aktiwleriniň gorap saklanmagyny üpjün etmekde, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli çäreleriniň görülmegine;
- Galplyklaryň, ýalňyşlyklaryň, berlen ygtyýarlykdan kanunsyz peýdalanylmagy we beýleki bidüzgünçilikleriň ýüze çykarylmagyna we olaryň öňüni alynmagyna.

2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyň maliýe hasabatlylygy Bankyň ýolbaşçylary tarapyndan 2022-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 16-ne tassyklanyldy.

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Serdar Gurbandurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

**Aýna Şajanowa**
**Baş buhgalter**

BDO Turkey
Tel : +90 212 365 62 00
Fax: +90 212 365 62 01
e-mail: bdo@bdo.com.tr
www.bdo.com.tr

BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık A.Ş.
Tic.Sicil Numarası : 254683
Mersis Numarası : 0291001084600012
Eski Büyükdere Cad. No:14 Park Plaza Kat:4
Maslak 34398 Sarıyer/İstanbul

**"Rysgal" Paýdarlar täjirçilik bankynyň ýolbaşçylaryna:**

**Auditoryň pikiri:**

Biz "Rysgal" Paýdarlar täjirçilik bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) 2021-nji ýylyň 31–nji dekabry ýagdaýyna degişli bolan bankyň maliýe ýagdaýy barada hasabaty, görkezilen senede tamamlanan ýyl boýunça peýda ýa-da ýitgiler we jemlenen girdejiler, maýadaky üýtgemeler barada hasabaty we pul serişdeleriniň hereketleri barada hasabaty, şeýle hem maliýe hasabatlylygynyň belliklerini we hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünleriniň gysgaça synyny öz içine alýan maliýe hasabatlylygynyň goşulýan nusgasynyň auditini geçirdik.

Biziň pikirimize görä, goşulýan maliýe hasabatlylygy Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (MHHÜ) laýyklykda 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna ähli möhüm jähtlerde Bankyň maliýe ýagdaýyny, şeýle hem görkezilen senede tamamlanan ýyl boýunça onuň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýär.

**Auditoryň pikiri üçin esas**

Biz auditiň halkara ülňülerine (AHÜ) laýyklykda auditi geçirdik. Şu ülňülere laýyklykda biziň borçlarymyz biziň hasabatymyzyň "Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi" bölüminde beýan edilen. Biz hasapçylar üçin halkara ülňüleri baradaky geňeşiň "Ussat hasapçylarynyň edep kodeksine" (HHÜG kodeksi) we Türkmenistanda biziň maliýe hasabatlylygyna auditimize degişli bolan edep talaplaryna laýyklykda Bankdan garaşsyz bolup durýarys we şu talaplara hem HHÜG kodeksine laýyklykda beýleki edep borçlaryny ýerine ýetirdik. Biziň alan auditor subutnamalarymyzyň biziň pikirimizi aňlatmak üçin esas bolmak üçin ýeterlik we talaba laýyk bolup durýandygyny hasap edýäris.

***Wajyp soraglar***

Covid-19 pandemiýasynyň Bankyň işine bolup biljek täsirine we netijelerine ünsi çekmek isleýäris.

Covid-19 (Coronavirus) pandemiýasynyň Bankyň işine we maliýe netijelerine edýän täsiri ýakyndan gözegçilik astynda saklanýar we pandemiýanyň täsirini azaltmak üçin gyssagly çäre görülýär. "Covid-19" (Coronavirus) pandemiýasy sebäpli we dünýä ykdysadyýetiniň häzirki şertleri / haýallamagy bilen bir hatarda köp proses kesildi.

Dünýäde bolup biläýjek ahyrky täsir we Covid-19 (Coronavirus) pandemiýasynyň hasabat senesine çenli dowamlylygy entek belli däl, has takyk çaklamalar edilýänçä diňe orta we uzak möhletli çaklamalar edip bileris. 2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin maliýe hasabatlaryny taýýarlamakda, Bank Covid-19 (Coronavirus) pandemiýasynyň maliýe hasabatlaryna bolup biljek täsirine baha berdi we bolup biläýjek negatiw bahalandyrmalary we çaklamalary göz öňünde tutdy.

*Şeýle-de bolsa, bu sorag biziň pikirimize täsir etmeýär.*

**Yolbaşçylaryň we korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlaryň maliýe hasabatlylygy üçin jogapkärçiligi**

Yolbaşçylar MHHS layyklykda agzalan maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy we dogry berilmegi üçin hem-de yolbaşçylaryň, göwnejaý däl hereketler ya-da ýalnyşlar zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine almaýan maliýe hasabatlylygy taýýarlamak üçin zerur diýip hasap edýän içerki gözegçilik ulgamy üçin jogapkärçiligi çekýär.

Şu maliýe hasabatlylygy taýýarlananda, yolbaşçylaryň guramany ýatyrmaga, onuň içini bes etmäge hyýallanýan ýa-da onuň ýatyrmaklykdan ýa-da işi bes etmeklikden başga, haýsydyr hakyky onyň ýykalgasy (mümkinçiligi) bolmadyk ýagdaýlardan başga, ýolbaşçylar Bankyň öz içini uznüksiz dowam etdirmek ukybyna baha bermek üçin, degişli yagdaylarda işiň üznüksizligine degişli bolan maglumatlaryň aýan edilmegi üçin we buhgalter hasaba alyşyň esaslary hokmünde işiň üznüksizliginiň yörelgesini ulanmak üçin jogapkarçiligi çekýär.

BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık A.Ş., a Turkish joint stock company, is a member of BDO International Limited, a UK company limited by guarantee, and forms part of the international BDO network of independent member firms.

Garantisi ile sınırlı bir Birleşik Krallık şirketi olan BDO International Limited'in üyesi ve bir Türk anonim şirketi olan BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık Anonim Şirketi, bağımsız üye kuruluşlardan oluşan BDO ağının bir parçasını teşkil etmektedir.

Korporatiw dolandyryşy üçin jogap beryän adamlar Bankyň maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak işiniň gidişine gözegçlik etmek üçin jogapkärçilik çekyärler.

**Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi**

Biziň maksadymyz maliýe hasabatlylygynyň göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalňyşlar zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine alýandygyna laýyk ynamy almakdan we biziň pikirimizi öz içine alýan auditor hasabatyny çykarmakdan ybarat. Laýyk ynam ynamyň ýokary derejesi bolup durýar, emma Auditiň halkara ülňülerine (AHÜ) laýyklykda geçirilen auditiň hemişe bar bolan möhüm ýoýulmany ýüze çykaryp biljekdiginiň kepilligi bolmaýar. Ýoýulmalar göwnejaý däl hereketleriň ýa-da ýalňyşyň netijesi bolup biler we eger-de aýratynlykda ýa-da jeminde olaryň peýdalanyjylar tarapyndan şu maliýe hasabatlylygy esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlere täsir edip biljekdigini çaklap, möhüm diýip hasaplanylýar.

AHÜ laýyklykda geçirilýän auditiň çäklerinde biz professional pikirlenmäni ulanýarys we tutuş auditor barlagynyň dowamynda professional şübheligi saklaýarys.

Mundan başga-da, biz aşakdakylary ýerine ýetirýäris:

- Göwnejaý däl hereketler ýa-da ýalnyş zerarly maliýe hasabatlylygynyň möhüm ýoýulmalarynyň töwekgelçiliklerini ýüze çykarmak we olara baha bermek; şu töwekgelçiliklere jogap edip, auditor işlerini işläp taýýarlamak we geçirmek; biziň pikirimiz aňlatmak üçin esas bolýan ýeterlik we talaba laýyk bolup durýan auditor subutnamalaryny almak. Göwnejaý däl hereketleriniň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiligi ýalňyşyň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiliginden ýokary, çünki göwnejaý däl hereketler dildüwşügi, içerki gözegçilik ulgamyndan çetleşip, maglumatlaryň ýa-da hereketleriň bilkastlaýyn görkezilmezligini ya-da nädogry berilmegini öz içine alyp biler;
- Bankyň içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligi barada pikirini aňlatmak maksady bilen däl-de, ýagdaýlara degişli bolan auditor işlerini işläp taýýarlamak maksady bilen, audit bilen baglanyşykly bolan içerki gözegçilik ulgamyna düşünmekligi almak;
- Ulanylýan hasabat syýasatynyň talaba laýyk häsiýetine we baha möçberleriniň esaslygyna we ýolbaşçylar tarapyndan taýýarlanan maglumatlary degişli aýan etmeklige baha bermek;
- Ýolbaşçylar tarapyndan buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizligi barada çaklamanyň kanunylygy barada netijäniň, alnan auditor subutnamalar esasynda bolsa Bankyň öz üznüksiz işini dowam etdirmek ukybyna möhüm şübheleriň ýüze çykyp biljekdiginiň wakalary ýa-da şertleri sebäpli, möhüm kesgitsizligiň bardygy ýa-da ýokdugy barada netijäniň emele getirilmegi. Eger-de biz möhüm kesgitsizligiň bardygy barada netijä gelsek, biz auditor hasabatymyzda maliýe hasabatlylygynda degişli aýan edilýän maglumatlara ýa-da eger-de maglumatlaryň şeýle aýan etmesi ýeterlik bolsa, biziň pikirimiz modifısirlemeklige ünsümizi çekmeli. Biziň netijelerimiz biziň auditor hasabatymyzyň senesine çenli alnan auditor subutnamalara esaslanan. Emma geljekki wakalar ýa-da şertler Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyny ýitirip biljekdigine getirip biler;
- Maliýe hasabatlylygyny umumy bermeklige, onuň düzümine we mazmunyna baha bermekligiň, şol sanda maglumatlaryň aýan edilmegi, şeýle hem şu maliýe hasabatlylygynyň onuň özeninde bolan amallaryň we wakalaryň olar barada dogry düşünjä ýetip biljekdigine baha bermekligiň ýerine ýetirilmegi;

Biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň dykgatyna auditiň meýilnamalaşdyrylan möçberi we möhletleri barada hem auditoryň ünsüni çeken möhüm meseleler barada, şol sanda biziň auditiň işiniň gidişinde (dowamynda) ýüze çykarýan içerki gözegçilik ulgamynyň möhüm kemçilikleri barada maglumatlary ýetirip, olar bilen maglumat babatynda özara gatnaşygy amala aşyrýarys.

Şeýle hem biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň salgysyna biziň garaşsyzlyga bildirilýän ähli degişli edep talaplaryny ýerine ýetirendigimiz we olaryň dykgatyna auditoryň garaşsyzlygyna täsir edýän diýip hasaplap boljak ähli babatda we gaýry meseleler barada, käbir ýagdaýlarda bolsa ähli degişli seresaplylyk çäreleri barada maglumatlary ýetirendigimiz barada yglan edýäris.

**BDO Denet Bağımsız Denetim ve Danışmanlık A.Ş.**
**Member of International Network**

Täçeddin Ýazar, SMMM
Hyzmatdaş

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Turkiýe, Stambul

"RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

## 2021-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PEÝDA ÝA-DA ÝITGILER ŞEÝLE HEM JEMLENILEN GIRDEJI BARADA HASABATY

*(müň Türkmen Manatda)*

| | Bellik | 2021 | 2020 |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 7 | 177,082 | 138,139 |
| Göterim çykdajylary | 7 | (26,531) | (19,296) |
| **ARASSA GÖTERIM GIRDEJI** | | **150,551** | **118,843** |
| Göterimleri hasaplanýan aktiwleriň hümmetiniň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlyklarynyň emele getirilmegi | 14 | (14,650) | (11,405) |
| **GÖTERIMLERI HASAPLANÝAN AKTIWLERIŇ HÜMMETINIŇ GAÇMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMAKLYGYŇ ÄTIÝAÇLYKLARYNYŇ EMELE GETIRILMEGINDEN SOŇ ARASSA GÖTERIM GIRDEJISI** | | **135,901** | **107,438** |
| Hyzmat haky girdejileri | 8 | 36,138 | 26,937 |
| Hyzmat haky çykdajylary | 8 | (9,697) | (5,576) |
| Daşary ýurt walýutasy bilen geçirilen amallar boýunça sap girdeji | 9 | 6,320 | 2,559 |
| Gaýry amal däl çykdajylar | | (4,161) | (712) |
| Dolandyryş we beýleki amaly çykdajylar | 10 | (35,071) | (30,553) |
| **PEÝDA SALGYDYNDAN ÖŇKI PEÝDA** | | **129,430** | **100,093** |
| Peýda salgydy | 11 | (10,542) | (8,313) |
| Gaýra goýulan peýda salgyt girdeji/(çykdajy) | 11 | (1,143) | (1,490) |
| **UMUMY ÝYL BOÝUNÇA PEÝDA** | | **117,745** | **90,290** |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

«RYSGAL» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY
AŞGABAT ŞÄHERI. AÇYK GORNUŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI * TÜRKMENISTAN.

**Serdar Gurbandurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Aýna Şajanowa**
**Baş buhgalter**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

10-71-nji sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditoryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

**"RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

**2021-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRY ÝAGDAÝYNA**
**MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABAT**
*(müň Türkmen Manatda)*

| | Bellik | 2021 ý. 31-nji dekabryna | 2020 ý. 31-nji dekabryna |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER:** | | | |
| Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri | 12 | 1,219,148 | 2,308,851 |
| Banklardaky serişdeler | 13 | 36,575 | 20,384 |
| Müşderilere berlen karzlar | 14 | 8,093,525 | 5,622,021 |
| Gymmat kagyzlara maýa goýumlar | 15 | 531,822 | 507,672 |
| Esasy serişdeler | 16 | 33,054 | 36,632 |
| Maddy däl aktiwler | 17 | 2,109 | 2,215 |
| Gurluşyga berlen hakujy tölegler | 18 | - | 601 |
| Gaýry aktiwler | 19 | 9,397 | 9,748 |
| Gaýra goýlan peýda salgydy boýunça talaplar | 11 | 6,936 | 8,079 |
| **AKTIWLERIŇ HEMMESI** | | **9,932,566** | **8,516,203** |
| **BORÇNAMALAR:** | | | |
| Müşderileriň serişdeleri | 20 | 4,241,023 | 4,003,685 |
| Alnan karzlar | 21 | 5,369,784 | 4,310,071 |
| Borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepillikler | 23 | 4,996 | 2,036 |
| Gaýry borçlar | | 2,390 | 3,783 |
| **BORÇNAMALARYŇ HEMMESI** | | **9,618,193** | **8,319,575** |
| **BANKYŇ MAÝASY:** | | | |
| Esaslyk maýa | 22 | 60,000 | 60,000 |
| Umumy ätiýaçlyklar | | 6,000 | 6,000 |
| Paýlanylmadyk peýda | | 248,373 | 130,628 |
| **BANKYŇ MAÝASYNYŇ HEMMESI:** | | **314,373** | **196,628** |
| **JEMI BORÇNAMALAR WE BANKYŇ MAÝASY** | | **9,932,566** | **8,516,203** |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Serdar Gurbandurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2022-nji ýylyň 16-nji Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Aýna Şajanowa**
**Baş buhgalter**

2022-nji ýylyň 16-nji Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

«RYSGAL» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

10-71-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditoryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

**“RYSGAL” PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

**2021-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ BANKYŇ MAÝASYNYŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY HASABAT**
*(müň Türkmen Manatda)*

| | Bellik | Esaslyk maýa | Umumy ätiýaçlyklar | Paýlanma dyk peýda | Jemi maýa |
|---|---|---|---|---|---|
| 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna saldo | | 40,001 | 6,000 | 52,338 | 98,339 |
| **Jemlenilen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 90,290 | 90,290 |
| **Ýyllyk jemlenilen girdeji** | | - | - | 90,290 | **90,290** |
| **Hususyýetçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Yglan edilen diwidentler | 22 | - | - | (12,000) | (12,000) |
| Bankyň maýasynyň köpelmegi | | 19,999 | - | - | 19,999 |
| 2020-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | 22 | **60,000** | **6,000** | **130,628** | **196,628** |
| **Jemlenilen girdeji** | | | | | |
| Ýyllyk peýda | | - | - | 117,745 | 117,745 |
| **Ýyllyk jemlenilen girdeji** | | - | - | 117,745 | **117,745** |
| **Hususyýetçiler bilen geçirilen amallar** | | | | | |
| Yglan edilen diwidentler | | - | - | - | - |
| Bankyň maýasynyň köpelmegi | | - | - | - | - |
| 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo | | **60,000** | **6,000** | **248,373** | **314,373** |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

«RYSGAL» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY — TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**Serdar Gurbandurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

**Aýna Şajanowa**
**Baş buhgalter**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

10-71-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditoryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.

**"RYSGAL" PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY**

**2021-nji ÝYLYŇ 31-nji DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYNYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT**

*(müň Türkmen Manatda)*

| | Bellik | 2021 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna | 2020 ý. 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna |
|---|---|---|---|
| **AMAL IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| **Salgyt salmadan öňki peýda:** | | **129,430** | **100,093** |
| Aşakdakylara düzedişler: | | | |
| Arassa göterim girdejisine | 7 | (150,551) | (118,843) |
| Hümmetiň gaçmagynyň öňüni almaklygyň ätiýaçlygyň üýtgemesine | 14 | 14,650 | 11,405 |
| Esasy serişdeleriň könelmesi we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy | 16,17 | 5,530 | 4,994 |
| Walýuta tapawutlary | 9 | 6,320 | 174 |
| **Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemelerinden ozalky amal işinden pul serişdeleriniň hereketi** | | **5,379** | **(2,177)** |
| Amal aktiwlerindäki we borçlaryndaky üýtgemeler: | | | |
| Müşderilere berlen karzlaryň üýtgemegi | | (2,486,154) | (1,873,105) |
| Gurluşyga berlen hakujy tölegleriň üýtgemegi | | 601 | 2,967 |
| Banklardaky serişdeleriň üýtgemegi | | (16,191) | 1,022 |
| Gaýry aktiwleriň üýtgemegi | 17,456 | (25,996) | (2,258) |
| Müşderileriň serişdeleriniň üýtgemegi | | 237,338 | 349,074 |
| Gaýry borçlaryň üýtgemegi | | (1,567) | (993) |
| **Salgyt salynmadan öň geçirilýän amal işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň yzyna gaýtmagy** | | **(2,286,591)** | **(1,543,503)** |
| Alnan göterimler (+) | | 202,273 | 150,187 |
| Tölenen göterimler (-) | | (31,019) | (19,296) |
| Peýda salgydy, tölenen (-) | | (11,685) | (9,968) |
| **Amal işinden pul serişdeleriniň arassa akymlarynyň yzyna gaýtmagy:** | | **(2,127,022)** | **(1,404,547)** |
| **MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esasy serişdeleriň satyn alynmagy (-) | 16 | 2,260 | (1,904) |
| Maddy däl aktiwleriň edinmegi (-) | 17 | (505) | (393) |
| Maliýe aktiwleriň satyn alynmagy (-) | | (24,150) | 97,000 |
| **Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň arassa akymlarynyň yzyna gaýtmagy:** | | **(22,395)** | **94,703** |
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esaslyk maýanyň köpelmegi | | - | 19,999 |
| Diwidentleriň tölenilmegi | | - | (12,000) |
| Uzak möhletli alnan karzlaryň esasy möçberiniň tölenilmegi | | 1,059,713 | 1,358,089 |
| **Maliýe işinden pul serişdeleriniň arassa akymlarynyň gelip düşmegi:** | | **1,059,713** | **1,366,088** |
| **PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ ARASSA KÖPELMEGI** | | **(1,089,703)** | **38,212** |
| PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň başyna | 12 | **2,308,851** | **2,270,639** |
| **PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň ahyryna** | **12** | **1,219,148** | **2,308,851** |

**Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:**

**Serdar Gurbandurdyýew**
**Müdiriýetiň Başlygy**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

«RYSGAL» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY
TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**Aýna Sajanowa**
**Baş buhgalter**

2022-nji ýylyň 16-njy Sentýabr
Aşgabat ş., Türkmenistan

10-71-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditoryň hasabaty 3-5-nji sahypalarda görkezilen.